TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

geçirip, «türkmençilik» diýip şertli atlandyrylan ýaşaýşyň özboluşly ýörelgeleriniň toplumynda has pugtalanandygy bellenilýär. Şu nukdaýnazardan kitapda, biziň garaýan meselämiz üçin örän ahmiýetli: «Indi iň esasy nygtamaly ýeri, şol ýörelgeleriň ýeke söze – «ynsap» düşünjesine syryganlygydyr. Ynsap jemgyýetiň baş gymmatlygydyr. Ynsaply ýaşaýyş raýat jemgyýetiniň, demokratik döwletiň iň ýokary kemala gelmesi bolup durýar» diýen netije çykarylýar[2, 196 s.].

Bu ýerden bolsa «ynsap» we «ynsaply ýaşaýyş» diýen düşünjeleriň örän çuňňur mana eýedikleri aýdyň görünýär. Eger ynsap adamyň asyl adamkärçilik häsiýeti bolýan bolsa, ynsaply ýaşaýyş adamzadyň şu dünýäde mynasyp ýaşamagynyň ýüze çykyşy bolýar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Magtymguly ynsan kalbynyň lukmany. Magtymguly eserler ýygyndysy. – A.: TDNG, 2014.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.

4. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy. I tom. A.: Ylym, 2013.

5. *Annamuhamedow M.* Magtymguly gizlin syryň bar içde. – A.: Ylym, 1994.

6. *Gandymow Ş.* Magtymgulynyň ruhy ahlak garaýyşlaryndaky gözlegler. Köňül buýsanjy. – A.: TDNG, 2014.

7. *Şyhnepesow A*. Magtymgulynyň älemi. – A.: TDNG, 2014.

8. *Газали*. Воскрешение наук в вере. 1988.

9. Вопросы философии. – М., 1988, №4.



**Begenç Karaýew**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy,*
*filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖWRÜNDE SEBIT ÝAGDAÝLARYNYŇ GEOSYÝASY LOGIKASY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli geçiren umumy sapagynda biziň baý taryhymyzyň, gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan maddy we ruhy gymmatlyklarymyzyň Ýer ýüzünde millet hökmünde tanalmagymyzy şertlen-

dirýän milli buýsanjymyzdygyny we mertebämizdigini nygtap geçdi. Gahryman Arkadagymyz şunuň bilen baglylykda beýik akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligine aýratyn ünsi çekdi.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz dünýä meşhur Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesidir. Hormatly Milli Liderimiz bu baýraga milletiň baý taryhy-medeni we ruhy mirasyny gaýtadan dikeltmek, aýawly saklamak we dünýäde giňden wagyz etmek, onuň aýrylmaz bölegi bolup durýan beýik akyldar şahyr Magtymgulynyň döredijiligini, belent ynsanperwerlik pikirlerini durmuşa geçirmek işinde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin mynasyp bolupdy [1, 23–24 ss.].

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde halk garaşsyzlygy we özbaşdak döwlet baradaky garaýyşlaryň esasy meseleleriň hatarynda bolmagy ýöne ýerden däldi. Sebäbi Hazar deňziniň gündogar kenaryndaky we Garagum çöl-sähralarynda dogabitdi önüp-ösen türkmen taýpalary ýaşan hem bolsalar, olar dürli sebäplere görä bir bitewi döwleti döredip bilmändirler. Munuň netijesinde bolsa kuwwatly goňşy döwletler mydama türkmenleri we olaryň ýurduny golastyna geçirmäge çalşypdyrlr. Bu ýöne ýerden däldi, sebäbi häzirki wagtda bolşy ýaly, şol döwürde hem, galyberse-de, ençeme asyrlaryň dowamynda häzirki Türkmenistanyň çäkleri aýratyn ähmiýetli geosyýasy giňişligi emele getirýärdi.

XIX asyryň ahyrynda Türkmenistana syýahat eden Ýewgeniý Markow türkmenleri çöl tebigatyna aňrybaş uýgunlaşan ýaşaýjylary hökmünde häsiýetlendiripdi [1, 209 s.]. Şu sebäpli hem Ý.Markow gadymyýetden bäri onlarça asyrlaryň dowamynda türkmenleri hiç bir gaýry basybalyjylaryň boýun egdirip bilmändikleri barada özüniň syýahat ýazgylarynda belleýär. Ol bu ýagdaýlara düşünmek üçin ençeme kitaplary okanlygyny aýdýar we hatda beýik Aleksandryň hem türkmenleriň bu topraklarda ýaşan ata-babalaryna el batyrynyp bilmandigine ünsi çekýär. Hususan-da, Ý.Markow taryhçy Kursiniň şu ýazgylaryna salgylanmak bilen, Margianada ýaşaýan söweşjeň, batyr, emma wagşy halkyň Beýik Aleksandra ilçi ýollamandyklaryna ünsi çekýär. Munuň özi bolsa, ala-böle diňe şol halkyň beýik basybalyja boýun egmejekligini aňladýar. Kursiniň ýazgylaryna görä, Aleksandr bu ýerli halk bilen daglarda-da onuň eteklerindäki sähralarda-da zabunlyk bilen söweşse-de, ýeňip bilmändir. Has beteri, onuň meşhur Busefal bedewini bu wagşylar birnäçe gezek ogurlamagy başarypdyrlar.

Mälim bolşy ýaly, Magtymguly şahyr hökmünde özüniň döwürdeşleri bolan käbir görnükli türkmen serdarlaryna bagyşlap şygyr düzen hem bolsa, onuň baş arzuwy garaşsyz döwleti bina edip biljek we milleti birleşdirjek adalatly hökümdar bolupdyr. Şu sebäpli hem, Magtymgulynyň eserlerine ýüzlenenimizde, onuň sebit ýagdaýlaryny, şol sanda goňşy halklaryň döwlet gurluşyny we hökümdarlarynyň syýasatyny düýpli paýhas eleginden geçirenligi baradaky ençeme subutnamalara duş gelip bolýar. Mysal üçin, Magtymguly Pyragy owgan döwletini guran Ahmet

şa Dürrana (1747 – 1773) sünni patyşasy hökmünde uly hormat goýupdyr we oňa özüniň iň gowy şygyrlarynyň birini «Arşy aglaýa» goşgusyny bagyş edipdir.

Magtymguly öz şygrynda Ahmet şaha ýüzlenmek bilen birlikde, Eýran, Rumystan, Turan ýaly döwletlerdir sebitleriň, Rüstem Zal we Guştasp ýaly serkerdeleriň atlaryny tutýar. Magtymgulynyň mertligi we gaýduwsyzlygy barada onuň kuwwatly döwlet hökümdarlaryna ýüzlenip ýazan setirleriniň, hususan-da, «Fetdah» goşgusynda hem görünýär. Mälim bolşy ýaly, Feth Ali Şah 1797–1834-nji ýyllar aralygynda Eýrany dolandyran Gajarlar neberesiniň ikinji şasydy we onuň hökümdarlygynyň ahyrynda Eýran döwleti hemmetaraplaýyn asgynlyga düşdi. Mejbury baglaşylan Gülüstan we Türkmençaý şertnamalaryna görä, ýurduň demirgazyk-günbataryndaky ägirt uly ýerler Russiýanyň tabynlygyna geçdi.

Magtymgulynyň ýetginjek wagtynda Gündogaryň XVIII asyryň geosyýasy sahnasynda taryhy orny eýelän şahslaryň biri hem Eýran hökümdary bolan Nedir şadyr. Ol 1736–1747 ýyllarda Eýran döwletini kanuny esasda dolandyrypdyr. Nedir şanyň beýik serkerde we döwlet baştutany hökmündäki geostrategiki maksatlary barada aýdylsa, onda J.Gurbangeldiýewiň belleýşi ýaly, onuň «Hindistandan Osman döwletine çenli aralykdaky iri geografiki bölegi bir imperiýa baýdagynyň astynda birleşdirmekçi bolandygy baradaky hakykatdyr» [2, 81 s.]. Döwrüniň çylşyrymly geosyýasy şertlerinden oňat baş çykaran syýasatçy, beýik strateg, ussat diplomat hökmünde Nedir şa şol döwletde gelip çykyşyna, diline, dini ygtykatyna, uýýan mezhebine, medeniýetine garamazdan, ähli halklaryň, halkyýetleriň, milletleriň arasynda raýat ylalaşygyny gazanmagy maksat edinipdir. Soňy gelmeýän özara dini gapma-garşylyklaryň soňuna çykmakçy bolupdyr. Türki gelip çykyşly halklary özara raýdaşlyga gol berip, bir baýdagyň astyna jemlenmäge çagyrypdyr. Köp ýewropa alymlarynyň işlerinde Nedir şa «Gündogaryň Bonaparty» diýlip atlandyrylýar. Hakykatda bolsa, Napoleonyň hut özüniň Nedir şa meňzemäge çalşanlygy tassyklanýar. Nedir şanyň daşary-syýasy strategiýasynda esasy dört ugur, ýagny Günbatarda – Osman döwleti, Gündogarda – Owgan taýpalary, Günortada – Hindi soltanlyklary we Demirgazykda – Hywa hanlygy esasy orun tutupdyr.

Magtymgulynyň garaşsyz millet baradaky taglymaty boş ýerden döremändir we geçen asyrlaryň dowamynda türkmenleriň döreden döwletleri, şol sanda onuň hut özüniň döwürdeşleri bolan eýran şasynyň, owgan şasynyň, mogol şasynyň asly türkmen bolanlygyny, hatda Hywa hanynyň we Buhara emiriniň hem türkmen serdarlarynyň goldawyna köp babatda bagly bolandyklaryny anyk bilenligini aýdyp bolar. Magtymguly Pyragy Horezm sebitleriniň galagoply ýagdaýlaryna özüniň Hywadaky Şirgazy medresesinde okan ýyllarynda we ondan soňky döwürlerde hem has anyk göz ýetirýär. Mälim bolşy ýaly, arapşalar nesliniň iň soňky hany we Hywany öz tabynlygyndaky ýerleri berk saklan Şirgazy han (1714–1728)

bolupdyr. Şirgazy han Hywa sebitine Russiýanyň imperatory Pýotr I tarapyndan iberilen Bekowiç-Çerkasskini we onuň goşunyny tutuşlygyna gyran kişi hökmünde hem taryha giripdi.

Mälim bolşy ýaly, Pýotr I 1714-nji ýylyň 2-nji iýunynda «Amyderýanyň aşak akymyny tapmak we öwrenmek üçin Preobraženski polkunyň kapitan poruçigi knýaz Aleksandr Bekowiç-Çerkasskini ibermek hakynda» atly permanyny çykarýar. Russiýanyň imperatorynyň uzak geljege gönükdirilen geosyýasy maksatlary barada onuň 1716-njy ýylyň 14-nji fewralynda Bekowiçe hut öz eli bilen gowşuran buýruk hatynda hem görünýär. Hususan-da, bu hatda görkezilen şu tabşyryklar bardy:

1. Amyderýanyň köne akabalaryny anyklamaly we barlamaly, hem-de mümkinçilik bolsa, derýany şol öňki köne akan ugry bilen akdyrmaly.

2. Hywa hanyny rus tabynlygyna geçmäge yrmaly.

3. Hywa tarap barýan ýolda, aýratyn hem, Amyderýanyň aşak akymlarynyň gapdallarynda, zerur ýerlerde galalary gurmaly.

4. Hywada berk ornaşmak bilen, Buhara hanyny hem rus tabynlygyna geçmäge yrmaly.

5. Hywadan Hindistana söwda ýollaryny gurmak üçin, bezirgen ady bilen poruçik Kožini ibermeli we onuň ýanyna altyn känlerini tapmak üçin ökde ofiser Erketi goşmaly.

Bekowiç-Çerkasskiniň Hywa ýörişiniň pajygaly tamamlanmagy taryhdan bellidir. Emma ol üstünlikli tamamlanan bolsady, onda Russiýadan Hindistana tarap Wolga derýasynyň, Hazar deňziniň, Amyderýanyň we Pänj derýasynyň üsti bilen bir bitewi suw ýolunyň döredilmegi ähtimaldy.

Pýotr I 1711-nji ýylda Osman imperiýasyna garşy şowsuz ýöriş netijesinde Azow deňzini we onuň sebitlerini elden giderýär hem-de osman soltany bilen ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Şol bir wagtda-da özara mydama uruş-dawaly bolan Hywa we Buhara hökümdarlary Russiýa bilen ýakynlaşmaga we bähbitli söwdany alyp barmaga çalyşýarlar.

Umuman, jemläp aýdylanda, Pýotr I şol wagtky Merkezi Aziýa bilen bagly kabul eden çözgütleri we iş ýüzündäki hereketleri beýlekiler bilen bilelikde, uzak möhletleýin geosyýasy maksatlary hem öz içine alýardy. Munuň düýp manysy bolsa Gündogary Ýewropa bilen baglaşdyrýan we Osman imperiýasyna bagly bolmadyk Merkezi Aziýanyň üstünden geçýän söwda ýollaryny doly Russiýa imperiýasynyň golastyna geçirmekden ybaratdy. Şol bir wagtda-da, Merkezi Aziýa sebitinde Russiýanyň göze görnüp duran garşydaşy ýa-da kuwwatly bäsdeşi ýokdy. Sebäbi Pýotr I özüniň meşhur Hazar ýörişiniň netijesinde Eýran döwletini hem ep-esli ysgyndan düşüripdi we ol deňziň günbatar kenaryny doly golastyna geçiripdi.

Şirgazy han dünýäden öteninden soňra, Hywa we onuň töwereklerinde dürli taýpa serdarlarynyň arasynda han tagty ugrunda barlyşyksyz bäsleşikler başlanýar. Bu aýratyn hem çingiz nesillerinden bolan goňratlaryň we mangytlaryň arasyndaky uruş-dawalarda aýdyň görünýär. Netijede, XVIII asyryň birinji ýarymynyň esasy bölegi haos, ýagny galagoplylyk ýagdaýynda geçýär.

Nedir şa aradan çykanyndan soňra, Horezmde hökümdarlyk ugrunda ýaragly dawalar we çaknyşmalar täzeden möwç alýar we muňa türkmenler hem işjeň gatnaşýarlar. Netijede, Hywa 1767–1770-nji ýyllar dowamynda türkmenleriň elinde bolýar we soňra goňrat taýpasynyň serdary Muhammedemin bege (1770–1790) geçýär.

Ýeri gelende bellesek, türkmenleriň birnäçe gezek Hywa tagtyny basyp alyp, täze hanyň saýlanmagyny üpjün edendikleri bellidir. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, Muhammedemin han 1851-1855-nji ýyllar aralygynda türkmenleriň üstüne azyndan bäş gezek tozduryjy ýörişleri amala aşyrýar. Ahyrky netijede, 1855-nji ýylyň 12-nji martynda bolan Sarahs söweşinde Gowşut hanyň serkerdeligindäki türkmenler tarapyndan ýeňlişe sezewar edilýär we öldürilýär. Sarahs söweşinde ýeňlen hywa goşunynyň galan-gaçanlary yzyna çekilmek üçin türkmenlere 150 müň tümen töleýärler we ähli söweş ýaraglaryny, şol sanda toplaryny hem tabşyrýarlar. Bu ýeňişden soňra Merw we Ahal topraklaryna Hywa hanlary aýak sekmäge milt edip bilmeýärler we Horezme mejbury göçürilen ýagny ýesir düşen türkmenler hem erkinlige goýberilýär. Olar özleriniň dogduk mekanlaryna – Türkmen iliniň günorta çäklerine gaýdýarlar.

XVIII asyrda Merkezi Aziýa çäklerinde Angliýanyň hem gizlin wekilleriniň peýda bolup ugranlygyny ýatlamak zerurdyr. Hususan-da, Russiýanyň şol döwürlerdäki Hywa we Buhara topraklaryna iberýän harby wekillerine ýa-da ilçilerine, rus söwdagärlerine hüjüm etmekde we ýesir almakda iňlis içalylarynyň hem eliniň barlygy güman edilýär. Sebäbi Günbatar Ýewropadan Hindistana çenli göni geçit bolup duran Merkezi Aziýa şol bir wagtda Hazar we Aral deňizleri, şeýle-de Amyderýa we Syrderýa arkaly transýewropa we transaziýa deňiz-derýa ýollaryny hem üpjün edip biljekdi. Galyberse-de, Merkezi Aziýanyň Russiýanyň golastyna geçirilmegi Angliýanyň kolonial mülki we imperiýanyň täjiniň mähek daşy hasaplanan Hindistan basylyp alynmak howpynyň astyna düşjekdi.

Hywadyr Buharanyň ruslara garşy durup bilmeklerini öwrenmek we Angliýa üçin oňaýly şertleri döretmeklerini gazanmak britan geosyýasatynyň baş wezipeleriniň hatarynda durýardy. Ol wagtlar iňlisler Hazar deňzi we Merkezi Aziýa sebitlerini Russiýanyň täsirinden goramak we şeýtmek bilen owgan taýpalarynyň hem-de Hindistanyň demirgazyk ülkeleriniň Britan täjine wepalylyk syýasatyny üpjün etmek üçin jan çekipdirler.

Öz wagtynda Nedir şa iňlis täjirleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýupdyr we olaryň «Russiýa» diýlip atlandyrylan söwda kompaniýa-

sy üçin ýeňillikli şertleri döredipdir. Şu oňaýly mümkinçilikler mynasybetli, Russiýa kompaniýasy Eýranda öndürilýän ähli ýüpek matalary we ýüpek önümlerini Eýrandan Russiýanyň üsti bilen Günbatar Ýewropa eksport etmegi doly eline geçiripdir. Reştde we Maşatda iňlis söwda faktoriýalary dörediilipdir we bu babatda aýratyn hem agzalan kompaniýanyň wekili söwdagär Eltonyň işjeňligi Russiýanyň gazabyny artdyrypdyr. Sebäbi Elton Hazar deňzinde eýran deňiz flotuny döretmek synanyşygyna girişipdir we Nedir şany hem Dagystany eýeläp, Hazaryň günbatar kenaryny golastyna geçirmäge çagyrypdyr. Bu ýagdaýdan habardar bolan Russiýa hem garşylykly çäreleri amala aşyrypdyr we netijede, Eýrandan Hazar-Wolga ýoly bilen Ýewropa ýüpek çykarylyşy tas dört esse pese gaçypdyr [3, 132 s.].

Hazar deňzinde hereket eden iňlis söwda kompaniýasynyň wekili kapitan Wudruf 1743-nji ýylda Ogurjaly adasynda 36 maşgalanyň ýaşaýanlygyny we olaryň nebit guýularyndan peýdalanyp, güzeran aýlaýanlygyny ýazypdyr. Bu türkmenleriň 26 sany gämileri bolupdyr we olar bilen goňşy ýerlere baryp nebit satypdyrlar. Nedir şa ogurjalylara Astrabada göçmegi teklip edipdir we ol ýerde nebir satmagy maslahat beripdir.

Russiýanyň Hazaryň gündogar kenaryny özleşdirmek baradaky hereketleri barada aýdylanda, ýokarda agzalan Aleksandr Bekowiç-Çerkasskiniň ilkinji bolup deňziň kartasyny düzenligini ýatlamak zerur. Russiýanyň nobatdaky Hazar ekspedisiýasy 1719-njy ýylda F. I. Soýmonowyň ýolbaşçylygynda guralýar we ol hem öz gezeginde has anyk kartany işläp düzýär. F. Soýmonowyň kartasy onlarça ýylyň dowamynda esasy ýol görkeziji hökmünde ulanylýar.

Elbetde, ýewropalylar hem Hazar deňziniň kartasyny düzmäge synanyşypdyrlar we bu babatda fransuz korolynyň astronony Gilýom Deliliň 1700-nji ýylda neşir edilen kartasyny mysal getriip bolar. Emma bu kartada, esasan, Ptolemeý garaýyşlaryndan ugur alnyp, Hazar deňzi günbatar-gündogar ugry boýunça süýnmek şekilli görkezilipdir we Amyderýa Arala däl-de, Hazara guýýan edilip görkezilipdir. Kartada Aral deňzi bolsa asla şekillendirilmändir. Pýotr I 1717-nji ýylda Parižde bolanda Delil bilen duşuşypdyr we oňa Bekowiç-Çerkasskiniň kartasyny görkezipdir hem-de Oksus (Amyderýa) derýasynyň Arala guýýanlygyny subut edipdir. Şu esasda we F.I.Soýmonowyň hem kartasyny Russiýadan alan Delil öz kartasyna düzedişleri girizipdir hem-de ony 1723-nji ýylda täzeden neşir edipdir. Deliliň kartasynda görkezilen Garabogaz köl aýlagy “Duzly deňiz” diýlip atlandyrylypdyr.

Russiýa hem Ogurjaly adasynda gala-berkitme salmagy karar edipdir we bu barada 1763-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Astrahan gubernatory Beketowa ýörite perman berlipdir. Ondan soňky döwürde, ýagny 1764-nji ýylda inžener-kapitan Ladyženskiý we 1782-nji ýylda bolsa 2-nji rangly kapitan M.Woýnowiç Çeleken adasynda bolupdyrlar we ol ýerde nebit çykarylyşy bilen gyzyklanypdyrlar. Ne-

tijede, türkmen topragy ir döwürlerden bäri özüniň ýerasty baýlyklary bilen hem Russiýa, Angliýa we Eýran ýaly kuwwatly döwletleriň üns merkezinde bolupdyr.

Taryhdan mälim bolan, esasan, XIX asyryň ikinji ýarymynda Britaniýa bilen Russiýanyň arasynda Merkezi Aziýada bolup geçdi diýlip hasaplanýan “Uly oýnuň” has öňräk başlananlygyny nygtamak gerek.

Bu uzak wagtlyk bäsleşigiň ýiti we barlyşyksyz häsiýetiniň astynda iki tarapyň hem alymlarynyň, diplomatlarynyň, harbylarynyň we inženerleriniň uly barlaglary geçirenligini aýtmak gerek. Bu babatdaky maglumatlary Londonda 1879-njy ýylda ilkinji gezek we 1977-nji ýylda gaýtadan çap edilen «Türkmenleriň ýurdy. Patyşalygyň geografiki jemgyýetiniň barlaglarynyň antologiýasy» («The Country of the Turkomans. An anthology of exploration from the Royal Geographical Society») atly ýygyndyda, meşhur britan žurnalisti we taryhçysy Piter Hopkirkiň (iňlisçe: Peter Hopkirk, 1930–2014) «Uly oýun. Merkezi Aziýada imperiýa ugrundaky göreş» («The Great Game. The struggle for Empire in Central Asia») atly kitabynda we beýleki degişli eserlerde hem aýdyň görmek bolýar.

Bu kitabyň sözbaşysynda bellenilişi ýaly, Britaniýada Merkezi Aziýa baradaky käbir maglumatlar 1558-nji ýylda bu sebitlere gelip gören kapitan-general Entoni Jenkinsonyň ýolýazgylaryndan mälim bolupdyr. Ol Londondan Russiýa tarap Ak deňziň üsti bilen ugran Britaniýanyň Moskwa bilen hyzmatdaşlyk etmäge niýetlenen kompaniýasyna ýolbaşçylyk edipdir. Jenkinson Russiýada bolmak bilen, onuň günorta çäklerinden geçip Hazar deňzine ýetipdir. Ol bu ýerden türkmen topragyna aýlanyp, soňra Hywa we Buhara bazarlaryna çenli barypdyr. Mundan başga-da, Pýotr I hyzmatyna giren iňlis deňizçisi Piter Brýus 1722-nji ýylda Hazar deňziniň türkmen kenarlaryna barypdyr we ol ýerdäki türkmen taýpalary barada giňişleýin hasabat ýazyp galdyrypdyr.

Ýokarda aýdylanlary jemlemek bilen, Magtymguly Pyragynyň ýaşap geçen eýýamynda türkmen halkynyň ýiti geosyýasy wakalara gatnaşanlygyny, türkmen topragynyň bolsa şol wagtky kuwwatly güýç merkezleriniň ünsüni çekenligini hem-de bu babatda barlyşyksyz bäsdeşligiň uzak wagtlap dowam edenligini görmek bolýar. Ýokarda aýdylanlaryň esasynda biz beýik akyldar Magtymgulynyň sebit ýagdaýlaryndan doly habarly bolany üçin haýal etmän, özbaşdak Garaşsyz döwleti döretmäge we öz ene topragyna eýe çykmaga çagyryş bilen külli türkmen halkyna ýüzlenipdir diýen kesgitli netijä gelýäris.

## EDEBIÝAT


1. Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji ýylda alyp baran işleriniň senenamasy. 8-nji goýberiliş. – Aşgabat: TDNG, 2016.

2. *Марков Е.* Россия в Средней Азии. Очерки путешествия. Спб., 1901.